# Pisse

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Pisse PISSE

Ýigrimi ýyldan soñ gülleýär pisse.
Bolýar güller onuñ baldaklarynda.
Besse-besse.
Ýöne şol gülleriñ açylaryna
Garaşmaly bolýar ýigrimi ýyllap.
Ekilse-de düzde, belentde-pesde
Möwrüti gelýänçä gülläp bilenok
Pisse

Çagajyklañ ýere sünjen nahaly,
Miwe berýär ýigit çykan mahaly.
Ýetişýär ýigitleñ eken nahaly,
Saçlaryñ agaryp başlan mahaly.
Gojalañ oturdan nahallary soñ,
Begendirýär olañ agtyk-çowlugyn.
Wasp edişip otyr güllän pisseler,
Özün eken adamlaryñ gowlugyn.
Myhman biz, baýyrdan gül ýygdyk bu gün.
Hem gülüşip pisselikde oturdyk.
Duşuşmagy arzuw edip güllände,
Her haýsymyz bir düýp pisse oturdyp.

Atajan ANNABERDIÝEW. Goşgular